TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

# TÜRKMENISTANYŇ DURMUŞ-
# -YKDYSADY ÖSÜŞINIŇ DÖWLET
# KADALAŞDYRYLYŞY DERSI BOÝUNÇA
# OKUW MAKSATNAMASY

Ýokary okuw mekdepleriniň ykdysadyýet hünär
ugurlaryna degişli bolmadyk hünärleri üçin

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2011

UOK 342:378
T 90

**T 90 Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kada-laşdyrylyşy.** – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.

Düzüjiler: *A. A. Burynow*
*O. B. Meredowa*
*B. B. Kuliýewa*

TDKP № 398, 2011 KBK 67.99 (2Tü) – 3 ýa 73

© Türkmenistanyň Bilim ministrligi, 2011.

## DÜŞÜNDIRIŞ HATY

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda biziň ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň esasy maksady Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyny berkitmekden, türkmen halkynyň durmuş-ýaşaýşyny ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Şonuň üçinem Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň işläp düzen hem-de uly üstünlik bilen durmuşa geçirýän «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynyň» esasy wezipeleriniň biri Türkmenistanyň ykdysadyýetini çalt depginde, dünýä ülňülerine laýyk ösdürmekdir hem-de onuň dünýä ykdysadyýeti bilen aýakdaş gitmegini üpjün etmekdir.

Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly täze dersi okatmagyň esasy maksady täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Türkmenistanyň sosial maksatly bazar ykdysadyýetiniň kemala getirilişi we jemgyýetçilik ösüşinde meseleleriň globallaşmagy hakynda talyp ýaşlara giňişleýin düşünje bermekden ybaratdyr. Bu wezipe dünýä tejribesini, şeýle-de geosyýasy, durmuş-medeni, tebigy-geografiki mümkinçilikleri goşmak bilen häzirki zaman innowasion osüşiň köp görnüşliligini özünde jemleýän türkmen milli ykdysady nusgasynyň özboluşlylygyny hem-de onuň ösüş meýillerini hemmetaraplaýyn seljermegi talap edýär. Bu ders makroykdysady syýasatyň aýratynlyklaryna, jemgyýetiň ösüşinde adam faktorynyň ornunyň artmagyna esaslanyp, ykdysadyýeti mundan beýläk-de kämilleşdirmek üçin durmuş-ykdysady ösüşiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň esasy ugurlaryny we ony meýilnamalaşdyrmagyň uzak möhletleýin strategiýasyny düýpli seljermäge mümkinçilik berer. Ykdysadyýet jemgyýetiň maddy binýadydyr. Şonuň üçinem hormatly ýurt

Baştutanymyz döwletimiziň syýasatyny onuň ykdysadyýetiniň hyzmatynda goýmagy baş ýörelge edindi.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň dünýä ykdysadyýetine içgin aralaşmagyny, onuň düzüm bölegine öwrülmegini gazanmaly, şonuň üçinem dünýäniň ösen ýurtlarynyň baý ykdysady tejribesini, ylmy-tehniki gazanylanlary içgin öwrenmek we olary ýurdumyzyň ykdysadyýetine giňden ornaşdyrmak iňňän wajyp wezipe hökmünde öňde goýulýar. Bu wezipäniň amal edilmeginde ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly täze dersi düýpli özleşdirmekleriniň ähmiýetiniň uly boljakdygy şübhesizdir.

Dersi okatmagyň wajyp meselesi – jemgyýetdäki bolup geçýän ykdysady hadysalary çuňňur öwrenmekden we ykdysadyýeti dolandyrmaga esas bolýan kanunlaryny özleşdirmekden ybaratdyr.

Talyplary Türkmenistanda durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň esaslary bilen tanyşdyrmak, milli ykdysadyýete döwlet kadalaşdyrylyşyň nazaryýetiniň we tejribesiniň esaslaryny öwretmek, döwletiň ykdysadyýeti dolandyrmakdaky ornuny anyklamak, häzirki wagtda Türkmenistanda durmuşa geçirilýän makroykdysady kadalaşdyryş çäreleriniň netijeliligi barada, bazary kadalaşdyrmagyň daşky güýçleri barada olara giňişleýin düşünje bermek, ýaşlarda ykdysady pikirlenmäni, ylmy dünýägaraýşy kemala getirmek, Türkmenistanyň maýa goýum syýasatynyň aýratynlyklary bilen olary tanyşdyrmak, häzirki zaman ykdysady pikirlenmeleri işläp taýýarlamakda ylmyň we bilimiň  ornuny kesgitlemek ukybyny emele getirmek bu dersiň wajyp meseleleriniň biridir.

Bazar ykdysadyýetine geçmegi tizleşdirmekde, milli ykdysadyýetiň esasy görkezijilerini öwrenmekde, dünýä tejribesini ulanmakda, bank ulgamyny kämilleşdirmekde, olara milli puluň hümmetini ýokarlandyrmakda, pul-karz syýasatyny durmuşa geçirmekde, telekeçiligi ösdürmekde geljekki ýokary bilimli hünärmenleriň bu dersi öwrenmeginiň ähmiýeti ýurdumyzyň ösmegine ýardam eder.

**Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň ykdysadyýet hünär ugurlaryna degişli bolmadyk hünärler üçin «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» dersiniň temalary boýunça sagatlaryň bölünişi**

<table>
<tr><th rowspan="2">№</th><th rowspan="2">Temalaryň ady</th><th rowspan="2">Umumy sagat sany</th><th colspan="2">Şol sanda</th></tr>
<tr><th>Leksiýa</th><th>Seminar</th></tr>
<tr><td>1</td><td>Täze Galkynyş eýýamynda Türkmenistanyň ykdysadyýetini emele getirmekde durmuş-medeni we geosyýasy şertler</td><td>3</td><td>2</td><td rowspan="2">2</td></tr>
<tr><td>2</td><td>Milli ykdysadyýetde döwlet kadalaşdyrylyşynyň nazaryýetiniň we tejribesiniň esaslary</td><td>3</td><td>2</td></tr>
<tr><td>3</td><td>Türkmenistanda durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň kemala gelmeginiň we ösdürilmeginiň ileri tutmalary</td><td>4</td><td>2</td><td>2</td></tr>
<tr><td>4</td><td>Türkmenistanda durmuşa geçirilýän häzirki zaman makroykdysady kadalaşdyryş çäreleriniň netijeliligi</td><td>3</td><td>2</td><td rowspan="2">2</td></tr>
<tr><td>5</td><td>Türkmenistanyň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmak işiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi.</td><td>3</td><td>2</td></tr>
<tr><td>6</td><td>Türkmenistanyň maýa goýum syýasaty</td><td>4</td><td>4</td><td rowspan="3">2</td></tr>
<tr><td>7</td><td>Döwletiň salgyt-býujet syýasaty</td><td>3</td><td>2</td></tr>
<tr><td>8</td><td>Pul dolanyşygynyň we karzyň döwlet kadalaşdyrylyşy</td><td>3</td><td>2</td></tr>
<tr><td>9</td><td>Daşary ykdysady syýasatyň kämilleşdirilmegi</td><td>4</td><td>2</td><td>2</td></tr>
<tr><td>10</td><td>Agrosenagat toplumynyň (...) döwlet kadalaşdyrylyşy</td><td>4</td><td>2</td><td>2</td></tr>
</table>

| № | Temalaryň ady | Umumy sagat sany | Şol sanda | |
|---|---|---|---|---|
| | | | Leksiýa | Seminar |
| 11 | Harytlar we hyzmatlar bazaryny düzgünleşdirmek | 3 | 2 | 2 |
| 12 | Durmuş syýasaty we zähmet gatnaşyklary | 5 | 4 | |
| 13 | Ykdysadyýetiň hususy ulgamynyň döwlet kadalaşdyrylyşy we institusional özgertmeler | 3 | 2 | 2 |
| 14 | Sebitler babatda ýöredilýän syýasat | 2 | 2 | |
| 15 | Durmuş şertlerini gowulandyrmaga gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň kemala gelýän şertlerinde döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň öňdebaryjy ýollary | 3 | 2 | |
| | **Jemi** | **50** | **34** | **16** |

## DERSIŇ MAZMUNY

## Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy dersi boýunça sapaklaryň temalary we olaryň mazmuny

### *1-nji tema.* Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Türkmenistanyň ykdysadyýetini emele getirmekde durmuş-medeni we geosyýasy şertler

Adam faktoryny hil taýdan ýokary derejä ýetirmek. Bilim we ylym ulgamyny ösdürmek. «Saglyk» maksatnamasyny durmuşa geçirmek. Häzirki zaman jemgyýetinde medeniýet we sungat ulgamlarynyň orny.

Türkmenistanyň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen Bitaraplygynyň hukuk ýagdaýy. Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG-niň) özara gatnaşyklarynyň ösmegi. «Açyk gapylar» syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmek.

### *2-nji tema.* Milli ykdysadyýetde döwlet kadalaşdyrylyşynyň nazaryýetiniň we tejribesiniň esaslary

Bazar ykdysadyýetine döwletiň goşulyşmagy. Döwletiň ykdysady roly: taryhy jäht. Merkantilistler. Fiziokratlar. Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň nazaryýetiniň zerurlygy. J.M.Keýns. Neoliberalizm. Monetarizm. Häzirki zaman döwlet kadalaşdyrylyşynyň nazaryýet jähtleri. Ykdysadyýeti döwlet kadalaşdyrylyşynyň maksat-

lary we usullary. Ykdysadyýetiň kadalaşdyrylmagynda döwletiň orny we wezipeleri.

### *3-nji tema.* Türkmenistanda durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň kemala gelmeginiň we ösdürilmeginiň ileri tutmalary

Durmuşa gönükdirilen garyşyk görnüşli bazar ykdysadyýetiniň manysy we ýüze çykmagynyň görnüşleri. Ähli bazar nusgalaryndaky umumy häsiýetler. Bazar ykdysadyýetiniň nusgalary: amerikan, ýapon, german, şwed. Hojalygy ýöretmegiň üýtgeýän döwründe Türkmenistanyň ykdysady syýasaty we durmuşa gönükdirilen ösüş şertleri. Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň durmuşa gönükdirilişi. Adam kapitalyny yzygiderli kämilleşdirmek.

### *4-nji tema.* Türkmenistanda durmuşa geçirilýän häzirki zaman makroykdysady kadalaşdyrylyş çäreleriniň netijeliligi

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň häzirki ýagdaýy we geljekki ösüşiniň esasy ugurlary. Jemi içerki önümiň, söwdanyň, maýa goýumlarynyň möçberiniň ösüşi. Türkmenistanyň ykdysadyýetini maliýe taýdan üpjün etmekde güýçli döwletiň bolmagynyň ähmiýeti. Döwlet öz garamagyndaky ýurduň sazlaşykly we durnukly ösmegini üpjün edýän wezipeleri galdyrýar. Döwleti makroykdysady düzgünleşdirmegiň zerurlygy. Döwletiň uzakmöhletleýin maksatlaryny makroykdysady taýdan düzgünleşdirmek işi.

### *5-nji tema.* Türkmenistanyň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmak işiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi

Bütindünýä çökgünliligiň şertlerinde Türkmenistanyň amala aşyrýan umumydöwlet syýasy strategiýasy. Çökgünlilige garşy gönükdirilen çäreleri netijeli durmuşa geçirmek. Gurluş we innowasiýalar syýasaty. Gurluş syýasaty, göni we aýlawly usullary. Innowa-

siýalar syýasaty. Milli innowasion ulgamlaryň görnüşi. Bazar innowasion ulgamyň esasy häsiýetleri.

## 6-njy tema. Türkmenistanyň maýa goýum syýasaty

Ykdysadyýetiň ösmeginde maýa goýum syýasatynyň tutýan orny. Maýa goýumlaryny maliýeleşdirmegiň çeşmeleri. Maýa goýum syýasatynyň esasy ýörelgeleri, maksatlary we meseleleri. Türkmenistanyň maýa goýum syýasaty we ony amala aşyrmagyň mehanizmleri. Daşary ýurtly maýadarlaryň we daşary ýurt maýalary bolan kärhanalaryň işiniň hukuk üpjünçiligi. Daşary ýurtly maýadaryň hukuklary we borçlary. Daşary ýurtly maýadarlara berilýän ýeňillikler we aýratyn hukuklar. Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky kärhanalaryň resmi taýdan döwlet belligine alynmagynyň tertibi.

## *7-nji tema.* Döwletiň salgyt-býujet syýasaty

Döwlet býujeti we salgyt ulgamy. Döwlet býujetiniň girdejileri we çykdajylary. Türkmenistanyň býujetleriniň çykdajylarynyň gönükdirilýän maksatlary boýunça klassifikasiýasy. Býujet defisiti we onuň esasy sebäpleri.

Salgytlar, olaryň görnüşleri. Salgyt salmagyň esasy ýörelgeleri. Ýygymlar. Paçlar. Emläk salgydy. Aksizler. Salgytlar boýunça kanunçylyk tertibinde berilýän ýeňillikler.

Türkmenistanyň salgyt-býujet ulgamynyň häzirki zaman ýagdaýy. Býujet syýasatynyň maksatlary. Durnuklylyk gaznasynyň döredilmegi.

## *8-nji tema.* Pul dolanyşygynyň we karzyň döwlet kadalaşdyrylyşy

Döwletiň pul-karz ulgamy. Bank ulgamy. Merkezi bankyň esasy wezipeleri. Täjirçilik banklarynyň amallary. Pul dolanyşygy. Türkmenistanyň bank ulgamynyň ösüşi. Bank ulgamyny ösdürmegiň

baş maksatlary we wezipeleri. Häzirki zaman pul-karz syýasatynyň esasy ugurlary. Pul-karz syýasatynyň maksatlary. Karz kadalaşdyrylyşy. Karz şertnamasynyň şertleri. Türkmenistanda lizingiň ösüşi. Lizing berijiniň borçlary. Lizing alyjynyň hukuklary.

### *9-njy tema.* Daşary ykdysady syýasatyň kämilleşdirilmegi

Daşary ykdysady syýasatyň manysy. Döwletiň söwda syýasaty. Türkmenistanyň daşary ykdysady işiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Kadalaşdyrylyşyň tarif usullary. Gümrük tarifi. Gümrük paçlary. Eksporty karzlaşdyrmak. Dünýä hojalygynyň globalizasiýasy şertlerinde Türkmenistanyň ykdysady howpsuzlygy. Türkmenistanda eksportuň esasy ugurlary.

### *10-njy tema.* Agrosenagat toplumynyň döwlet kadalaşdyrylyşy

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň agrar ulgamynyň döwlet kadalaşdyrylyşynyň esasy ugurlary. Agrosenagat önümçiligini goldamaga we ösdürmäge gönükdirilen býujet serişdeleriniň maksatlary. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň agrosenagat toplumynyň işini düzgünleşdirmegiň guramaçylyk meseleleri. Ýeri kärendesine almak we kärendeçiler. Agrar toplumynda amala aşyrylýan salgyt syýasaty.

### *11-nji tema.* Harytlar we hyzmatlar bazaryny düzgünleşdirmek

Döwlet hyzmatlarynyň ulgamynyň düzümi. Döwlet gulluklarynyň sanawy. Maliýeleşdirmegiň esasy çeşmeleri. Hyzmatlaryň jemgyýetçilik ähmiýeti. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy. Söwda we jemgyýetçilik iýmiti. Ilata durmuş hyzmatlaryny etmek işiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi. Durmuş hyzmatlarynyň bazary.

### *12-nji tema.* Durmuş syýasaty we zähmet gatnaşyklary

Bazar ykdysadyýetinde durmuş syýasatynyň nazary esaslary. Durmuş syýasaty düşünjesi, onuň wezipeleri, maksatlary hem mazmuny. Döwlet ykdysadyýetini ösdürmekde durmuş syýasatynyň tutýan orny. Durmuş syýasatynyň Türkmenistanda amala aşyrylyşy. Durmuş ulgamyndaky özgertmeler. Zähmet gatnaşyklarynyň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi. Zähmet bazary. Ilatyň iş bilen üpjünçiligini netijeli guramak, işçi güýjüniň hilini ýokarlandyrmak we onuň bäsdeşlik ukybyny artdyrmak. Zähmet gatnaşyklarynyň hukuk kadalaşdyrylyşy. Töwerekdäki gurşawyň goragy babatyndaky döwlet kadalaşdyrylyşy.

### *13-nji tema.* Ykdysadyýetiň hususy ulgamynyň döwlet kadalaşdyrylyşy we institusional özgertmeler

Institusional ösüş we emläk gatnaşyklarynyň kämilleşdirilişi. Kärende gatnaşyklary. Türkmenistanda döwlet-hususy hyzmatdaşlygy ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlary. Hususy telekeçiligi ösdürmekdäki döwletiň tagallalarynyň ugurlary. Kiçi we orta telekeçilige döwlet goldawyny bermegiň baş ugurlary. Kiçi we orta telekeçiligi ösdürmegiň ýörelgeleri we baş maksatlary. Türkmenistandaky hojalyk guramalaryny döwlet belligine aldyrmak üçin tabşyrylýan resminamalaryň sanawy. Döwlet eýeçiligindäki emlägiň hususylaşdyrylyşy we kärendesine berlişi.

### *14-nji tema.* Sebitler babatda ýöredilýän syýasat

Sebitler babatdaky döwlet syýasatynyň düýp özeni we maksatlary. 2012-nji ýyla çenli döwür üçin welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň durmuş-ykdysady ösüşiniň Konsepsiýasy. Türkmenistanyň sebitler babatdaky syýasatynyň esasy ugurlary.

## *15-nji tema.* **Durmuş şertlerini gowulandyrmaga gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň kemala gelýän şertlerinde döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň öňdebaryjy ýollary**

Döwletiň ileri tutýan ugurlarynyň strategik meýilnamalaşdyrylyşy. Döwlet maksatnamalary. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy». Çaklaýşyň nazary (teoretiki) jähtleri. Ykdysady – matematiki modeller. Isleg faktorlaryny ulanmak bilen, Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüşini modelirlemegiň ugurlary.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Tűrkmenistanda saglygy goraýşy ösdűrmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. Aşgabat, 2008.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. Aşgabat, 2008.

7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Täze Galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy. 2007 ýyl. Aşgabat, 2008.

8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet adam űçindir. Aşgabat, 2008.

9. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 3-nji tom. Aşgabat, 2010.

10. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. Aşgabat, 2010.

11. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. II tom. Aşgabat, 2010.

12. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. Aşgabat, 2010.

13. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 4-nji tom. Aşgabat, 2011.

14. *Gurbanguly Berdimuhamedow* – Halkyň saýlany we ynam bildireni. Aşgabat, 2007.

15. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehaly. Aşgabat, 2007.

16. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.

17. Ata arzuwyny amala aşyrýan Agtyk. Aşgabat, 2009.

18. Tűrkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2010.

19. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş, ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.

20. «Telekeçilik işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 1993.

21. «Erkin telekeçiligiň ykdysady zonasy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 1993.

22. «Eýeçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 1993.

23. «Haryt-çig mal biržalary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 1994.

24. «Türkmenistanda gymmatly kagyzlar we fond biržalary hakynda». Türkmenistanyň Kanuny. 1994.

25. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2000.

26. «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda» (täze redaksiýasy), Türkmenistanyň Kanuny. 2008.

27. «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2008.

28. «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 22.08.2009 ý.

29. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanuny. 2008–2009-njy ýylyň aprel aýynyň 29-yna girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen bilelikde. – Aşgabat, 2009.

30. «Zähmet hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanuny. 2009.

31. «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2011.

32. «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2011.

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

# TÜRKMENISTANYŇ DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞINIŇ DÖWLET KADALAŞDYRYLYŞY DERSI BOÝUNÇA OKUW MAKSATNAMASY

Ýokary okuw mekdepleriniň ykdysadyýet hünär ugurlaryna degişli bolmadyk hünärleri üçin


| | |
|---|---|
| Redaktor | *A. Aşyrowa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh.redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |

Çap etmäge rugsat edildi 16.12.2011. Möçberi 60x90 1/16. Ofset kagyzy.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 1,0. Şertli-reňkli ottiski 1,19.
Hasap neşir listi 0,54. Çap listi 1,0. Sargyt № 200. Sany 7 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň
«Türkmenmetbugatüpjünçilik» maddy-tehniki üpjünçilik kärhanasy.
Aşgabat ş., Hasanow geçelgesi, 16.